Pikirlenme nähili material bilen işlenilişine, nähili täsirleri ýerine ýetirişine görä birnäçe görnüşlere bö-lünýär: 1. Aýdyň – hereketde pikirlenme – bu adamyň predmetlere gönüden-göni täsir etmeginiň netijesinde iş prosesiniň dowamynda ýüze çykýan pikirlenmedir. Mysal üçin, işlemeýän telewizory bejermek üçin ol amaly täsirler arkaly öwrenilýär. Daşky hereketleri ýerine ýetirmek bilen akyl ýetirilýär. 2. Aýdyň-obraz pikirlenme – bu adamyň predmete diňe daşyndan syn etmegiň dowamynda ýüze çykýan pikirlenmesiniň bir görnüşidir. Täsirler predmetleriň obrazlarynyň çyzgylary üstünde ýerine ýetirilýär. Muňa proýektirleýji inženeriň, konstruktoryň işini mysal getirip bolar. Oňa içki psihiki hereketler gatnaşýar. 3. Söz – logiki ýa-da abstrakt pikirlenme – munda predmetleriň hilleri, alamatlary sözler bilen, beýleki bellikler bilen çalşylýar. Pikirlenme şolary ulanylyp ýerine ýetirilýär. Adamlar bir-birinden pikirlenmesi, akylynyň hilleri boýunça tapawutlanýarlar. Akylyň hilleri şu aşakdakylardyr: 1. Akylyň giňligi – bu adamyň wagtda birnäçe ýumuşlar, mysallar hakynda pikir öwrüp bilmegidir. Mysal üçin, okuwçy öz ýumşuny çözüp oturan mahaly gapdalyndaky ýoldaşyna kömek bermegi we düşündirmegi başarýar. 2. Akylyň çuňlugy – bu adamyň çylşyrymly ýumuşlary has çuň derňäp, ony su but edip çözüp bilmegidir. Mysal üçin, okuwçynyň meseläni formula esaslanyp çözmegi we subut etmegi. 3. Akylyň çaltlygy – bu adamyň meseläni, ýumşy çözen mahalynda çalt pikirlenip, ýagdaýdan baş alyp çykyp bilmegi we dogry çözgüdi tapyp bilmegidir. 4. Akylyň özbaşdaklygy – bu adamyň başgalaryň pikirine garaşsyzlykda öz şahsypikirni özbaşdak beýan edip bilmegidir. Şeýle pikirli okuwçy mysaly özbaşdak çözmäge dyrjaşýar. 5. Akylyň tankydylygy – bu adamyň öz pikirini ýa-da başgalaryň pikirini derňäp, ony obýektiw bahalandyryp bilmegidir. Şeýle pikirli adam öz sözünde durmagy hem-de nädogry taraplaryny ýüze çykaryp bilmegi başarýandyr.

**Läle ATAÝEWA**
**Beki Seýtäkow adyndaky**
**mugallymçylyk mekdebiniň talyby**

Все права защищены